# Ýagyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýagyş ÝAGYŞ



Ýagyş damja-damja dol ýüregime
Kükesin ruhumda uçmahyň ysy.
Ýag sen, zerre-zerre syl yüregimi,
Açylsyn gubarlan göwnümiň posy.
Asmandan reňk alan pikirlem, belki,
Seniň güwäligiň bilen aklanar …
Çyrmaşyklar basan tozanly ýollar
Her damanda kir-kimirden saplanar …

Süýji suwa teşne bolýa ummanam
Şor tolkunlar ugratsa-da kenara …
Gandyr suwsuzlygym bir saňa aýan!

Umman gomda tussag bolsa ne çäre !?

Eý gamly buludyň nury didesi!
Inçelýär umydym, bahary buşla.
Хабар ýokmy azatlygyň paslyndan?
Dam sen, solan arzuwlarym nagyşla …

Zemine Gökleriň salamyn paýlap,
Ýag, dowamat tapsyn juwan ömürler!
Ýag, owarra bolsun gözýetimlerden,
Peläket sawçysy betpäl ümürler …

© Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular